# 007 Missis Bond

Category: Kitapcy,Publisisistika,Romanlar
написано kitapcy | 26 января, 2025
007 Missis Bond 007 MISSIS BOND




*«Buker» ýaly edebi baýraklara hödürlenen eserler bu obrazyň öňkülerden gödekleşendigini görkezýär*
Indi nobatda näme bar?
Häzir Britaniýa döwletine ýa-da Birleşen Korollyga garşy dildüwşük guraýan içalylary awlaýan we «Jeýms Bond» ady bilen at gazanan «Jansyz 007»-niň aýal wersiýasy bar.
Dünýä inenine ýetmiş ýyl geçenden soň Mister Bond, başgaça ady bilen Jeýms Bond aýal-erkek deňligi döwründe-de bolmalydyr.
Missis Bondyň obrazyny janlandyrmak otuz üç ýaşly Irene Şerwuda ynanyldy.
Olam Rojer Muryň, Şon Konneriniň we supergahryman Bondyň roluny janlandyrýan we erbetlere garşy garpyşyklaryň köpüsinde üstün çykýan beýleki aktýorlaryň gelşikliligi ýaly çakdanaşa görmegeýlige eýe.
Erkek bolsun, aýal bolsun, tapawudy ýok, baş gahryman hemişe britaniýaly bolmaly, hususanam iňlis bolmaly.
Şotlandiýaly Şon Konneriniň bu däbi nädip bozandygy barada aýdylanda bolsa, her talabyň bir kadadan çykmasy bolýar.

Ýene bir kadadan çykma-da irlandiýaly Pirs Brosnan boldy. Şumada çenli bu roly alty erkek aktýor janlandyrdy, indi gezek aýal aktrisada.
Dartgynly sýužetdäki proza eserlerini (we kinofilmleri) ýazmakd iñlis ýazyjylaryndan, prodýuserlerinden we aktýorlaryndan öñe geçjek ýok.




Alfred Hiçkok Golliwudyñ iñ meşhur kinorežissýorydy. Belgiýaly wäşi detektiw gahrymany Puarosy bilen Agata Kristi jenaýatçy dünýäniñ iñ meşhur zenan ýazyjysydy. Emma bu uguryñ kerwenbaşysynyñ XIX asyrda Şerlok Holmsyñ obrazyny döreden ser Artur Konan Doýldygyna şek-şübhe bolup bilmez.
Doýl näsaglary bejermekde işine onçakly ökde lukman bolmansoñ, wagt geçirmek üçin hyýaly romanlary ýazmaga başlady we bulary 1882-nji ýylda «Cornhill» žurnalynda tapgyrlaýyn çap etdirdi.
Kolin Wilsonyñ aýtmagyna görä (Dar el-Meda), bu romanlar arkaly ol lukmançylyk kärini ýatdan çykaryp, uly gazanç

çeşmesini edindi.
Doýl soňabaka romanlaryny amerikan žurnallaryna-da berdi we onuň meşhurlygy ýer ýüzüne ýaýrady.
Adamlar erbetlige garşy söweşip üstün çykýan Şerlok Holmsy haladylar.
Başga ýazyjylar hamana real keşbe eýe obraz ýaly Holmsyň «ömrüne» bagyşlanan kitaplary ýazmaga başlady we onuň ady Londonda diňe adynyň bolan ofisine goýuldy.
Londonda barýan biziň ýalylar jenap mister Holmsyň ofisini görüp gaýdan ýaly öz-özlerini aldap şat bolýardylar.
Belli bir wagtdan soň dartgynly sýužetde ýazylan kitaplara bolan ähli gyzyklanmamy ýitirdim, emma britaniýalylar arany üzüp bilmediler.
Detektiw eserler Londonyň kitap dükanlarynda şindizem iň köp satylýan kitaplaryň sanawyny düzýär.
Köp kişi Doýlyň täsiriniň detektiw žanryndanam öňe geçip, roman edebiýatyna, ýagny, Onore de Balzagyň edişi ýaly iň ownuk detallaryň ugruna çykylan žanryna aralaşandygyny pikir edýär. Kemala gelişi-de giç bolan arap romanyna giç girenem bolsa, bu žanr gysga wagtyň içinde bütün dünýä ýaýrady. Emma «Buker» ýaly edebi baýraklara hödürlenen eserler, bu obrazyň öňkülerden gödekleşendigini görkezýär.
Semir ATAULLAH,
Liwanly žurnalist.

Şenbe, 11.03.2023 ý. Publisistika